# Seslen, Ukraina!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Seslen, Ukraina! SESLEN, UKRAINA!

*(Agam Gylyçdurdynyň ýadygärligine bagyşlaýaryn).*

Gumundan güýç alyp giň Garagumuň,
Geldim saňa hyýal ýumagym çözläp.
Uruşda dereksiz ýiten agamyň
Ynha gezip ýörün mazaryn gözläp.

Onuň didaryny gören bolsaňyz,
Sesleniň, derýalar, sesleniň, daglar!
Seslen, köpi gören, eý, goja deňiz,
Sesleniň, tokaýlar, sesleniň daglar!

Ýa duşman okundan seňselän çagy,
Gapyl galyp, düşdümikä duzaga?!
Goýup ýüregine aýralyk dagy,
Sürdülermi Watanymdan uzaga?!

Ýa söweşde güýç-kuwwatdan aýrylyp,
Wepat boldumy ol dara-direde?!
Gör, neneň ýamandyr diri aýralyk,
Seslen, Ukraina, agam nirede?!

Nirede bolsa-da, eltiň siz meni,
Mazaryny güller bilen örteýin.
Agamyň ganynyň daman gumuny
Görkeziň siz, ýüz-gözüme sürteýin

Ýadymda, çagakam başym sypany
Soň bilemok hiç zat men ol barada.
Ukrain topragy, eý, gözel ülke,
Seslensene, eziz agam nirede?

Muhammetmyrat KÖMEKOW,

matros.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 16.01.1963 ý. Goşgular